# Adamlar puly bilen urýar

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet
написано kitapcy | 23 января, 2025
Adamlar puly bilen urýar ADAMLAR PULY BILEN URÝAR




Atatürki hakydalardan sylmaga jan etseñizem… Respublikanyñ içini boşatmaga çytraşsañyzam… “Lozan biabraýçylykdyr” diýseñizem… Doly garaşsyzlyk üçin berilen beýik göreşi görmezlige salsañyzam… Hakykatlar hakykatlygyna galmagyny dowam etdirer…
Hakykaty garaldyp bilersiñiz, emma asla söndürip bilmersiñiz. Çünki, hakykatyñ dosty – wagtdyr…
Ine… bugün diýýäñiz: «fransuz harytlaryny boýkot ediñ!»
Bolýa, edeliñ.
Edeliñ, däninim… Siziñ hakykatlar bilen ýüzleşme wagtyñyz gelmedimi? Dollar sekiz liradan geçdi, euro on lira golaýlady. Halk bolmanda-da daşary ýurt harytlaryny alanok, o nämäñ boýkotyndan gürrüñ edýäñiz?
Hemişe ýazyp geldim: geçmişi ýalan-ýaşryklar, hyýalbentlikler bilen ýazsañyzam, ýalñyşlyklara per bermeýän gelejegi halas edip bilmersiñiz.
Atatürküñ uly tapawudy şundady: hemişe hakykatçyldy. Açmak, gurmak-bina etmek üçin hyýalbent däl-de, hakykatçyl bolmak gerek…
Güýjüñiziñ derejesini bilmeli. Fransiýanyñ bugünki näzini artdyrmalaryna Türkiýäniñ ykdysady güýjüniñ gowşaklygy sebäp

bolýar. Osmanly-da şeýledi: hemişe şu zerarly boýun egdi…
Atatürk asyl göreşi kapitulýasiýalara garşy alyp barmalydygyna düşündi we Lozan konferensiýasynyň baş temasy kapitulýasiýalar boldy.
Gysgaça aýdaýyn, puluň hümmetsizlenmeginiň ýerli önümleri, ýerli senagaty, oba hojalygyny nähili ýok edişine we Fransiýanyň hondanbärsiligine göz ýetiriň…




## • BÖLEK-BÜÇEK ETDI

Kapitulýasiýa ("imtiýazaty atika") diýip, bir döwletiň başga döwletlere we başga ýurduň raýatlaryna beren ykdysady we sosial ýeňilliklerine aýdylýar…
1535-nji ýyl. Kanuny Soltan Süleýman nemes imperatory Karlyň gysyşyndan gutulmak üçin fransuzlar söwda ýeňilliklerini berdi. Birtaraplaýyn berilen bu ýeňillikleriň möhleti gutaranda, her gezek goşmaça uzaldyldy.
1740-njy ýyl. Russiýa we Awstriýa bilen baglaşylan Belgrad şertnamalarynda araçy we ýeňilleşdiriji roly oýnan Fransiýa berilen söwda, adminstratiw we hukuk ýeňillikleriniň çägi giňeldildi. Mysal üçin, fransuz ilçihanasynda we konsullyklarynda işleýän osmanly diasporasyna-da käbir ýeňillikler (salgytdan, sud jogapkärçiliginden boşatmak we ş.m.) berildi. Daşary ýurt poçtalary açyldy we başgalar.
Fransiýa bilen 1743-nji ýylda 55 maddalyk we 1770-nji ýylda 84 maddalyk şertnamalar baglaşyp, kapitulýasiýalar durnukly şekile getirildi we hasam gûýçlendirildi. Şeýle-de…
Fransiýa uzak wagtyň dowamynda alan salgyt, sud we başga ýeňilliklerinden peýdalanyp, osmanlydaky diaaporalary-söwdagärleri eline aldy. Şeýle bir ýagdaý emele geldi welin, osmanly raýaty ilçihanalardan ýörite kepilnama alyp, başga ýurduň raýatydygyny öňe sürmek arkaly döwletiň berýän ähli

ýeñilliklerinden peýdalandy. Bu ýola ýüz urup, artykmaçlyk gazananlaryñ, hemaýatkärlik astynda gezenleriñ sany millionlardan aşdy…
Osmanlynyñ ähli söwda gatnaşyklary we jemgyýetçilik hyzmatlarynyñ bir bölegi daşary ýurtlylaryñ eline geçdi.
Kapitulýasiýalar osmanlynyñ ykdysady we jemgyýetçilik gurluşyny bölek-büçek edip taşlady.
Ýurt ähli girdejilerini we çeşmelerini daşary ýurtlylara aldyran – eli-goly bagly koloniýa öwrüldi diýen ýalydy…
Bu ajy hakykata gözi ýumulgylar häzirem «osmanly beýikliginden» söz açýarlar!




- **GAPJYK BOŞ, HEKEMLIK – HOŞ**

Atatürk imperializmiñ diñe ýaragyñ güýji bilen ýöredilmeýändigine düşündi – eksplutasiýanyñ-kapitulýasiýalaryñ weýran ediji hakykatyna göz ýetirdi.
1922-nji ýylyñ 1-nji marty. Ol mejlisiñ açylyş dabarasynda şeýle diýdi:
-”Türkiýäniñ ykdysady durmuşyny bogýan kapitulýasiýalaryñ soñuna çykmalydyrys”.
Şol ýyl… Fransiýanyñ **«Le Petit Parisien»** gazetk ABŞ-nyñ **«Chicago Tribune»** gazetiniñ ulanan jümlesine meñzeş jümläni ulandy:
«Sud, maliýe, harby kapitulýasiýalaryny ykrar edemzok!»
Şol sebäpli…
Lozan konferensiýasynyñ esasy temasy kapitulýasiýalar boldy. Türk delegasiýasy gepleşikleriñ çetin geçjegini bilýärdi. Şeýle-de boldy:
Aýratynam Fransiýa 400 ýyllap öwrenşip giden maliýe artykmaçlyklaryndan çekilesi gelmedi. Ýewropa ýurtlary beýle-de dursun, gaýtam Ýaponiýanam öz tarapyna çekip, Türkiýäniñ üstüne atybilen haýbatyny atdy.

Türk delegasiýasynyň başlygy Ismet Inönü garşylyk görkezdi: «Kapitulasiýalar bir halkyň garaşsyzlygy bilen bir ýere sygyşmaz».
Günbatarlylar ykdysady sferalaryndanam gelen gysyşlary ulanyp, kapitulýasiýalardan el çekmek islemändigi üçin Lozan gepleşikleri ýarpy galdy.
Türk habar beriş serişdeleri hemişe simpatiýa bildirip gelinen Fransiýa garşy täsirli göreşe başlady.
Şeýlelikde, ikinji gezek ýygnanşylan Lozan konferensiýasynda osmanlynyň çöküşini döreden kapitulýasiýalaryň hemmesi aradan aýryldy. Türkiýe ykdysady garaşsyzlygyny gazandy.
Nijeme ýyllar geçensoň, kapitulýasiýalar “gümrük bileleşigi” ýaly birgiden şertnamalar arkaly Türkiýäniň başyna gaýtadan bela edildi…
Lozana «şowsuzlyk» diýýän häkimiýetiň bugün näme üçin Fransiýanyň agressiwligine uçraýandygyna düşünmesi kyn. Gaýtam tersine, meseläni dini tapawutlylykdan gözleýär!
Ýogsa, Lozan hakykaty şudur:
Garaşsyzlygyň doly ýagdaýda gazanylmagy diňe maliýe garaşsyzlygyny gazanmak arkaly mümkindir.
Bugün… adamlar bizi puly bilen urýar. Euro on lira deňleşipdir, biz bolsa häzirem boş hekemlik satýarys!
Hakykat şu: ýurdy bokurdagyna çenli kapitulýasiýalara baglap goýduňyz…
Gury söz bilen peýnirli gämini ýöredip bilmersiňiz, gynansak-da.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 28.10.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Maliýe we ykdysadyýet